***Her bir halkyň taryhynda aýratyn ähmiýetli döwürler bolýar. Olar millet üçin diňe bir täze eýýamyň başlangyjy bolman, eýsem, onuň geljegini, ykbalyny hem kesgitleýär. Türkmen halkynyň müňýyllyklara uzaýan şöhratly taryhynyň ykbal kesgitleýji iň möhüm, iň bagtly sahypalarynyň biri hem mukaddes Garaşsyzlygyň gazanylmagydyr.***

Garaşsyzlyk — bu diňe bir syýasy özbaşdaklyk däldir, ol halkyň öz ykbalyny özüniň kesgitlemegine, öz milli ýörelgelerine, däp-dessurlaryna we ruhy baýlygyna sözüň doly manysynda eýe çykmagyna-da dörän uly mümkinçilikdir. Mukaddes Garaşsyzlyk ýaş nesiller üçin hem bagtyň gapysyny giňden açdy. Olara okamaga, öwrenmäge, şol sanda dünýäniň ösen ýurtlarynda-da döwrebap bilim almaga, zehin-başarnyklaryny doly açyp görkezmeklerine, Watanymyzy gülledip ösdürmäge öz goşantlaryny goşmagyna örän uly mümkinçilikler döredi.

Garaşsyzlyk ýyllarynda ýurdumyzyň daşary ýurtlar bilen gatnaşyklarynyň giňelmegi ýaşlaryň halkara bäsleşiklere, olimpiadalara gatnaşmagyna, dünýä derejesinde öz başarnygyny görkezmegine mümkinçilik açdy. Informatika, matematika, fizika ýaly ugurlarda ýaşlaryň halkara derejede gazanýan üstünlikleri Garaşsyzlygyň miwesidir. Şeýle hem sport ýaryşlarynda, sungat, döredijilik festiwallarynda türkmen ýaşlarynyň gazanýan ýeňişleri Garaşsyz, baky Bitarap Watanymyzyň halkara abraýyny has artdyrýar.

Halkymyz üçin Garaşsyzlygyň gadyr-gymmaty örän uly. Ol ýürekdäki ylham çeşmesi, döredijilige, zähmete, ösüşe ugrukdyrýan güýçdür. Hut şonuň üçin hem bagtyýar ildeşlerimiziň ýüreginde eziz Watanymyza, mukaddes Garaşsyzlygymyza bolan buýsanç duýgusy belentdir. Garaşsyzlygyň şuglasy halkymyzy döredijilikli ýaşaýşa, täze zähmet üstünliklerine ruhlandyrýar. Döwletliligimiziň goşa ganaty bolan Garaşsyzlygymyzyň we baky Bitaraplygymyzyň binýatlaýyn esaslaryny has-da berkidip, ata Watanymyzy gülledip ösdürýän Gahryman Arkadagymyza, Arkadagly Gahryman Serdarymyza alkyşlarymyz egsilmezdir.

**Şirmuhammet MUHAMMEDOW,**
**Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň Maglumat tehnologiýalary we programmirleme fakultetiniň 1-nji ýyl talyby.**

Все права защищены

save pdf date >>> 24.01.2026